# Astapowiç I.S

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Astapowiç I.S

ASTAPOWIÇ I.S. (1908-1976)

XX asyrda türkmen astronomiýasynyň düýbüni tutan, süýnýän ýyldyzlar boýunça işläp, dünýäde bu ugurdan uly abraýa eýe bolan türkmen astronomy. Ol 1941-nji ýylda Aşgabada göçüp gelip, 1959-njy ýyla çenli işläp, öz ugrundan dünýä meşhur bolan işleriň ençemesini döredýär. Onuň Türkmenistanda taýýarlan süýnýän ýyldyzlar baradaky deňi-taýy bolmadyk ''Ýeriň atmosferasyndaky meteor hadysasy'' atly kitaby henize çenli öz ähmiýetini ýitirenok we süýnýän ýyldyzlar boýunça iň ähmiýetli kitaplaryň biri bolup galýar. Ol 40 ýyla golaý Halkara astronomiýa guramasynyň agzasy bolup, örän netijeli işleýär. Ol jemi 400-den gowrak işi SSSR-däki we halkara žurnallarda çap etdirýär.
Türkmenistanda döreden işlerinden Tungus we Sihote-Ale meteoritlerini seýsmogrammalar (Ýeriň titreme ýazgysy) esasynda öwrenip, ilkinjiler hatarynda olaryň energiýalaryny kesgitländigini (Tungus (10_22 erg) we Sihote-Ale (10_18 erg), Ýeriň gaz guýrugyny açandygyny, zodiak şöhlesi barada wajyp işleri döredendigini, süýnýän ýyldyzlaryň galdyran yzlarynyň üýtgemekleri boýunça, Ýeriň atmosferasyndaky howa akymynyň şertleri barada möhüm işleri döredendigini, olaryň hakykatdygynyň soň subut edilendigini, Türkmenistan amatly howa şertlerinden peýdalanyp, süýnýän ýydyzlara, zodiak şöhlesine we onuň garşydan şöhlelenmesine gözegçilik edip, ençeme peýdaly netijeleri çykarandygyny belläp geçmek bolar.

# "SYRLY ÄLEM'', Aşgabat "Ylym" 2004.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly